# Yslam dünýäsinde demokratiýa

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Yslam dünýäsinde demokratiýa YSLAM DÜNÝÄSINDE DEMOKRATIÝA




Häzirki wagt adam sany 1,8 milliarda ýeteñkirlän yslam dünýäsinde 52 garaşsyz ýurt we 5 awtonom region bar.
Emma bularyñ arasynda sözüñ doly manysynda hukuk-demokratik düzgünine eýe ýeke ýurt ýok.
Elbetde, gürrüñ iş ýüzünde hukuk döwletiniñ we demokratik düzgüniñ ýokdugy barada barýar, ýogsam bolmasa kagyz ýüzünde olaryñ hemmesinde-de hakyky demokratiýada bolmaly ähli edara-guramalar bar.
Birküç sanysy bolaýmasa, ähli yslam ýurtlaryndaky parlamentler, syýasy partiýalar, saýlawlar, kärdeşler arkalaşyklary, metbugat serişdeleri we raýat-jemgyýetçilik guramalary ýaly demokratik gurluşlar doly güýjünde işlemeýändigi we diñe kagyz ýüzündedigi üçin şol ýurtlaryñ raýatlary kanunlaryñ öñünde deñ däl.
Iñ ýaramaz mysal bolan Owganystandan başlap, iñ gowy mysal Türkiýä çenli ähli yslam ýurtlarynda işiñizi bitirmek üçin hökman bir tanyş-biliş tapmaly bolýarsyñyz, döwlet edaralarynyñ ýolbaşçy wezipelerinde işleýän näçe köp dost-ýaryñyz ýa-da garyndaş-doganyñyz bar bolsa, işiñizde-de şoña görä ulalarsyñyz we edeniñiz ugruna bolar.
Bu ýurtlarda döwlet edaralaryna añsat baýamak we maddy bol-telkiligе ýetmek üçin girilýär. Şonuñ üçin ähli yslam ýurdunda ýek-tüki bolaýmasa, döwlet işinde işleýänleriñ köpüsi ýedi arkasyna ýetjek baýlyk toplandan soñ işden çykýar.
Hiç kimem Günbatardaky ýaly munuñ gözbaşyny soramalydyram

öýdenok. Gaýtam, musulman jemgyýetlerde «Döwletiň baýlygy bir deňiz, ondan iýmedik doňuz» düşünjesi bar. Parahorlugy ýazgarýanlar we kada-kanuny, hukugy öňe sürýänler geň görülýär ýa-da halanmaýar.
Iň ýaramaz nusga bolan Owganystandan bir mysal bereýin: 2002-2021-nji ýyllarda Owganystanda häkimiýet başynda oturan Günbatar goldawly respublikan režimde şol döwrüň prezidenti Hamid Karzaýyň ilkinji hökümet toparynda Ramazan Beşerdost atly bir ministr bardy.
Karzaýyň maşgalasy we ilen-çalan dogan-garyndaşlary bilen bir hatarda ministrler düzümi-de tutuşlygyna korrupsiýanyň batgasyna batan wagty, Beşerdost özi para almandan soň, alýanlara-da gazaply garşy çykýardy.
Şol sebäpli Karzaý bilen oňşup bilmän wezipesinden el çekdi we işini halk deputaty bolup dowam etdirdi.



*Ramazan Beşerdost / **Fotosurat: AP***
Parlament münberinde her pursatda diýen ýaly hak-hukugyň, adalatyň tarapyny tutýan, deňligi öňe sürýän we parahor syýasatçylaryň etmişlerini ýüzüne basýan Beşerdost hiç kimiň göwnüne ýaramady.
2014-nji ýylyň saýlawlarynda maňa ony görmek miýesser edipdi. Ýörite ofis almaga puly bolmansoň, saýlawlara taýýarlyk işlerini «Gyzyl ýarymaýdan» alan çadyrynda alyp barýardy.
Ýönekeý owganlar «Görgüliň çagasy ministr bolupdyr, halk deputaty bolupdyr, emma özüne ibaly ofis almaga ýagdaýy ýok, özüne haýry ýok adamdan bize haýry bolarmy?» diýip, Beşerdostyň üstünden gülýärdiler.



Hiç kimse halal ýaşaýandygy üçin ony oňlamaýardy, gaýtam tersine, ministr we halk deputaty bolan halyna kör-köpüksiz aýlanyp ýörenini ýaňsylaýardylar.
Beşerdost bolsa modern Hindistanyň esaslandyryjysy Mahatma Gandi ýaly daş-töwereginiň ýaňsyly hyşy-wyşylaryny diňlemän halkyň arasynda aýakýalaňaç diýen ýaly paýu-pyýada aýlanyp, adalaty we hak-hukugy dabaralandyrmak üçin göreşýärdi.
Gandini ahyrsoňunda halky depesine täç etdi, Beşerdosty bolsa gülki ýassygy boldy.



Ine, indem Owganystan bilen Hindistanyň ýagdaýyny görüp dursuňyz. Halal syýasatçylary depesine täç eden Hindistan birtopar adamyň aňyna siňen «hindi gedaýy» düşünjesini döwüp, tehnologiýada belent sepgitlere ýetdi we dünýäniň iň güýçli döwletleriniň birine öwrüldi. Owganystan bolsa uzak wagtlap batgalyga batyp galan haýwan ýaly jahyllygyň we fanatizmiň hendeginde urunýar.
Ylym, tehnologiýa, senagat, ykdysadyýet, söwda bäsleşiginde yza galyp, ýerleri basylyp alynan yslam dünýäsinde mundan ýüz ýyldan gowrak wagt öň şeýlr ýaramaz yzagaýdyşlygy togtatmak üçin düşünjewi gözlegler başlady. Munuň netijesinde üç dürli çemeleşme ýüze çykdy.
Birinji garaýyşa görä, musulmanlar yslamdan daşlaşandyklary üçin yza galypdylar. Şonuň üçinem yslamyň özenine dolanyp

gelmek we pygamberiñ (s.a.w) zamanyndaky ýaly düzgüni ýola goýmak gerekdi. Munuñ netijesinde wahhaby hereketi ýüze çykdy we wahhabylyk ýaýramaga başlady.

Ikinji garaýyş bolsa, yslamy modernleşdirmegi (döwrebaplaşdyrmagy) öñe sürýärdi. Bularyñ pikiriçe, Günbatar ylmy bulen yslamy utgaşdyranyñda, galkynmak mümkindi. Müsürde orta çykan «Musulman doganlar» («İhwan-ül Müslimin») şol gözlegiñ netijesidi.

Üçünji garaýyş üçin ösüşiñ iñ dogry ýoly – Günbataryñ ýolundan gitmekdi. O

Musulmanlar yslamyýetiñ jylawyny ösüşe aýak goşup bilmeýän jahyl din adamlarynyñ eline berip, döwürden yza galypdylar.

Şonuñ üçinem, etmeli zat – ynanjy Günbataryñ edişi ýaly tebigatdan daşary elementlerden saplap modernleşdirmek, jadygöýçülikli düşünjelerden el çekip, ylmy we dünýewi aktuallyklar bilen utgaşykly ahlak sistemasyny täzeden ýola goýmalydy.

Yslam dünýäsinde üç ýoldanam giden ýurtlar boldy, emma bularyñ biri-de öñlerinde goýan ahyrky maksadyna ýetip bilmedi. Ýagny, yslamyñ ylmy we maddy üstünlikler bilen doly birmahalky altyn eýýamyny täzeden dikeltmegiñ hötdesinden gelip bilmediler.

Wahhaby ýoluny saýlap alan Saud Arabystany, Kuweýt, Katar, Bahreýn we yslamy modernleşdirme ýoluny oñlan Homeýni Eýrany dini diktatura öwürdiler. Günbataryñ ýolundan giden Atatürküñ Türkiýesi, şa döwrüniñ Eýrany ýa-da gysga ömürli Amanulla han döwrüniñ Owganystany ýamaly demokratiýa formasyny aldy.

Jemal Abdynasyryñ, Saddam Hüseýiniñ, Hafyz Esadyñ, Muammar Kaddafiniñ ýolbaşçylyk eden sosialistik arap respublikalary bilen garaşsyzlygyna täze gowşan Orta Aziýadaky türki respublikalary hersi özbaşyna dünýewi diktatura öwrüldiler.

Häzir şol ýurtlaryñ birinde-de hakyky demokratiýanyñ we hukuk döwletiniñ gürrüñini etmek mümkin däl. Agzalan ýurtlarda ýönekeý raýat bolup döwlet işinde işleýän wezipeli işgär bilen arañyzda mesele ýüze çyksa, siziñki dogry bolaýanda-da hak-hukugyñyzy gorap bilmeýärsiñiz.

Eger hak-hukugyñyzy goramakçy bolsañyz, muña ilkinji nobatda prokraturanyñ işgärleri we ýerli häkimiýetler ýol bermeýär. Arz-şikaýat edäýeniñizde-de utjak gümanyñyz ýok, gaýtam ýolbaşçylara dil ýetirmekde aýyplanyp, başyñyza bela satyn alarsyñyz.

Yslam dünýäsi muny bilmeýän ýokdugy üçin bolsa gerek: uruşdan

gaçýan siriýalylar guk ýanlaryndaky Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Kuweýt, Bahreýn ýaly ýurtlara gitmegiň ýerine ajalyň we agzyny hatap ýaly açyp duran ýuwdarha deňizlerde gark bolmagyň üstünden ätläp, Günbatara gitmäge dyrjaşýar.

Ýogsam bolmasa, Pars aýlagyndaky arap ýurtlary arap medeniýetli we ykdysady taýdan has oňatlygy bilen bir hatarda ýakyn aralykda bolandyklary üçinem siriýalylara has amatly bolaýjak ýaly.

Owganlar üçinem munuň şeýledigini aýtsa bolar. Hut Eýranda bolşy ýaly, Owganystanda-da pars medeniýeti agalyk sürýär we pars dili ähli etniki toparlaryň umumy dili bolup hyzmat edýär.

Muňa garamazdan ýeke owgan bosguny Eýranda galasy gelenok, olaryň barsy serhetden ýüzlerçe kilometrlik ýoly aýakýalaň-başaçyk paýu-pyýada Türkiýä gelýärler.

Sebäp olar üçin Türkiýe – Günbatara barýan ýoluň ugrundaky köpri bolmak bilen birlikde Günbatar demokratiýasynyň iň pes wersiýasy. Galyberse-de, bu ýurtda adamlar Eýrana garanda has azat we arkaýyn ýaşaýarlar.

Ýurtlaryndan çykmaga mejbur bolan ähli bosgunlaryň ahyrky maksady Günbatara ýerleşmek. Olaryň gözünde Günbatar ýer ýüzüniň jenneti.

Günbatary adamlaryň gözüne ýakymly görkezýän zat diňe maddy bol-elinlik däl-de, şol bir wagtyň özünde magnawy artykmaçlyk. Ýagny sözüň doly manysyndaky demokratiýa, hukuk döwleti, adam hukuklary, deňlik we şahsy azatlyklar.

Elbetde, Günbataryň demokratiýa we adam hukuklary babatdaky geçen ýoly we taryhy örän hapa. Emma şonda onuň öz giňişligindäki demokratiýasy we adam hukuklary taýdan alanda häzirki şertleri dünýäniň beýleki ýerlerinden has oňaýly.

Hawa, ol ýerde ýönekeý türk işçisiniň cagasy, arap migranty ýa-da hindistanly biri işläp, daban azaby bilen iň ýokary wezipelere ýetip bilýär.

Haýsydyr bir türk Germaniýada, haýsydyr bir arap Fransiýada ýa-da niräniň bir hindistanlysy Angliýada ministriň, premýer-ministriň kürsüsinde oturan wagty, ýerli halkdan ýekesi olara «dagdan gelip, bagdakyny kowýar» diýen pikirde gezenok.

Muňa garamazdan Eýranda ýa-da Türkiýede owganlaryň, siriýalylaryň haýsydyr bir wezipä bellenmegi beýlede dursun, köçeden geçip barýarka öz din doganlaryndan eşitmeýän paýyş

sözi ýok.
Bu iki ýurtda adamlar başdan geçirýän ykdysady kynçylyklaryny we sosial adalatsyzlyklaryň hyltyny garawsyz göçegçilerden çykarýar.
Yslam geografiýasynda reformalar üçin edilýän tagallalaryň üstünden ýüz ýyldan gowrak qagt geçendigine garamazdan, häzirem ýeke yslam ýurdunda demokratik düzgüne goldanýan hukuk döwletiniň doly ornaşyp gidibermizligi nebsagyryjylyklydygy bilen bir hatarda çuňňur oýlandyryjydyr.
Şol sebäpli «Nirede ýalňyşlyk goýberdik?» sowaly orta atmak her kesiň borjy bolmalydyr.
Bu sowaly orta atanymyzda gan, gözýaş, içerki uruşlar, zulum, we basyş bilen dünýä jemgyýetçiliginiň aňyna siňen yslam geografiýasy Orta asyrlarda bolşy ýaly täzeden dünýä siwilizasiýasynyň merkezine öwrülip biler.
Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

Duşenbe, 21.11.2022 ý. Publisistika